# Ýagmazak bulutlar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýagmazak bulutlar Ýagmazak bulutlar

Kä görseň haýalrak, kä görseň ýyndam,
Gün yzyna günler geçýär at salyp.
Ýagmazak bulutlar ýatyrlar şindem,
Gök asmanyň açyk göwsün ýassanyp.

Uzak ýola düşjek ýolagçy bardy,
Asmana seredip ýygyrdy egnin.
Misli bilkastlaýyn öjügýän ýaly,
Göwni bölekleriň böldüler göwnün:

“Dökülermi, dökülmezmi, bilmek kyn,
Ýagyşdan doldurlar äpet pyýala.
Ulagly ugrasa batmagyň mümkin,
Ýol uzakdyr ýetip bolmaz pyýada…”

Ýyldyzlar bürenjek bürenen ýaly,
Bakmady asmanyň gözeneginden.
Ýagmazak bulutlar sürdüler şalyk,
Gelip gün tutýança ezeneginden.

Diňe töwekgelleň basylman howy,
Sagat beýnisinde öwürdi pikir:
-Päkize asmanyň giňligi gowy,
Nurana güneşiň barlygna şükür!

(1977)

Halyl Kulyýew Goşgular